# Dutar aglap başlanda

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Dutar aglap başlanda DUTAR AGLAP BAŞLANDA

Üzülýär baglaň hünjüsi,
Dutar aglap başlanda.
Köpelýär adam ünjüsi,
Dutar aglap başlanda.

Ýüreklere ýetýär heser,
Saz gudraty, gör, ne ýeser,
Bagry parran-parran keser,
Dutar aglap başlanda.

Tümlüge çaýylýar ýagty,
Keýpi göterler daragtyn,
Joşar çeşmesi bu bagtyň
Dutar saýrap başlanda.

Guşlaryň nagmasy artar,
Aý-Günüň şuglasy artar,
Ýüreklere heser ýeter,
Dutar saýrap başlanda.

Miltiň ýok bölmäge sazy,
Ýaşlanar gözleň owasy,
Durlanar köňül nowasy,
Dutar saýrap başlanda.

Dost tolgunar, duşman ynjar,
Dert çeken ýürekler sanjar,
Ol goşa tar misli hanjar,
Dutar aglap başlanda.

Näzik ANNATYÝEWA. Goşgular